**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#48(279)

четверг, 27 ноября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**28-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek, milli kanunçylygy döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Şeýle hem milli parlamentiň şu ýylyň 22-nji noýabrynda geçirilen on birinji maslahatynyň netijeleri barada aýdyldy. Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň baş maliýe resminamasyna we dürli ugurlara degişli kanunlaryň taslamalaryna garaldy. Şunuň bilen baglylykda, Mejlisiň Başlygy hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň 2026-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekip berendigi üçin hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunlaryny kämilleşdirmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Auditorçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de «Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, halkara standartlar esasynda, ýurdumyzyň bank edaralarynda ýyllyk maliýe hasabatlaryna audit barlaglaryny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek, onuň hyzmatlaryny giňeltmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň banklary tarapyndan köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde audit barlaglary boýunça halkara bäsleşikleri yglan etmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlar boýunça hasabat berdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň dekabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we açylyp ulanmaga beriljek medeni-durmuş maksatly binalaryň Tertibi barada hasabat berdi.

Dekabr aýynyň dowamynda Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni mynasybetli baýramçylyk çäresiniň, estrada, höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda yglan edilen «Ýylyň parlak ýyldyzy» atly bäsleşigiň jemleýji tapgyrynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär. 31-nji dekabrda paýtagtymyzdaky «Älem» medeni-dynç alyş merkezinde, Arkadag şäherindäki «Arkadag Binasynyň» öňündäki meýdançada, welaýatlardaky «Türkmeniň ak öýi» binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda Täze ýyl teleköprüsiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dekabr aýynda geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegiň, ulanmaga beriljek binalaryň açylyş dabarasyny ýokary derejede geçirmegiň möhümdigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere Halkara Bitaraplyk gününe, Nebit-gaz senagaty we geologiýa işgärleriniň gününe, şeýle-de beýleki wajyp çärelere gowy taýýarlyk görmek babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bilim bermegiň hilini, bilim işgärleriniň hünär taýýarlygyny kämilleşdirmek babatda amala aşyrylýan ulgamlaýyn işleriň çäklerinde mugallymlar we bilim edaralarynyň ýolbaşçylary üçin hünär derejesini ýokarlandyryş okuwlary milli hem-de halkara tejribeler esasynda alnyp barylýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, kämil hünärmenleri taýýarlamak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi hem-de wise-premýere bilim işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak işlerini mundan beýläk-de netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ynsanperwer ugur boýunça işleýän edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmek meseleleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmegiň döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridigini belledi. Döwlet Baştutanymyz bu abraýly guramanyň ynsanperwer ugur boýunça işleýän edaralary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegi dowam etdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi we bu ugurda taýýarlanylan teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew ýurdumyzyň demir ýol ulagy pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň demir ýol ulagy pudagynyň geçirijilik ukybyny artdyrmak üçin onuň maddy-enjamlaýyn binýadynyň yzygiderli berkidilýändigini aýtdy we pudagyň üstaşyr ulag mümkinçiligini ýokarlandyrmak boýunça taýýarlanylan teklipleri makullap, wise-premýere zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ СУЛТАНА ОМАНА

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Султану Омана Хайсаму бин Тарик Аль Саиду и народу страны по случаю Национального дня Султаната Оман.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Султану Хайсаму бин Тарик Аль Саиду искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Султаната Оман – мира, дальнейшего прогресса и процветания.



# TÜRKMENISTANYŇ WE GAZAGYSTANYŇ PREZIDENTLERI METBUGAT WEKILLERINE ÝÜZLENME BILEN ÇYKYŞ ETDILER

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň Gazagystan Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň we Gazagystanyň döwlet Baştutanlary metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet saparynyň aýratyn ähmiýetini belläp, doganlyk Türkmenistanyň Gazagystanyň möhüm we ygtybarly hyzmatdaşydygyny nygtady.

Gazagystanyň Prezidenti pursatdan peýdalanyp, Türkmenistanyň Prezidentini we ähli türkmen halkyny Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bilen gutlady.

“Hemişelik Bitaraplyk syýasaty Türkmenistana halkara giňişlikde uly abraý getirip, ýurduň parahatçylyk, durnuklylyk we howpsuzlyk taglymlaryna ygrarlylygynyň nyşanyna öwrüldi” diýip, Kasym-Žomart Tokaýew aýtdy.

Nygtalyşy ýaly, gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn gün tertibiniň giň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi.

Söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek meselesine aýratyn üns berildi. Häzirki wagtda üstaşyr ulag ulgamy strategik ähmiýete eýe bolýar. Şunda Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesiniň möhüm bölegi bolup çykyş edýän Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoluna aýratyn orun degişlidir. Oba hojalyk pudagy-da hyzmatdaşlygyň wajyp ugry bolup durýar.

Dostlukly ýurduň Baştutany energetika ulgamynda bilelikdäki taslamalar barada aýratyn durup geçdi.

Döwlet hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak we maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak babatda gazanylan tejribäni nazara almak bilen, türkmen tarapyna bu ulgamda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegi teklip edildi.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklarda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk aýratyn orny eýeleýär. “Astanada Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň geçirilmegi we türkmen halkynyň beýik akyldarynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp, Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň açylmagy Gazagystanyň halky tarapyndan hoşniýetlilik bilen kabul edildi. Aşgabatda Abaýyň ýadygärliginiň açylmagy halklarymyzyň dostlugynyň we özara hormatynyň ýene-de bir nyşany boldy” diýip, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew aýtdy.

Gepleşikleriň dowamynda medeniýet ulgamynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmegiň, şol sanda festiwallary, beýleki bilelikdäki çäreleri geçirmegiň zerurdygyny nygtaldy, ylym-bilim ulgamyndaky gatnaşyklary ösdürmegi ara alyp maslahatlaşyldy. Gazagystan Türkmenistanda ýokary okuw mekdepleriň biriniň şahamçasyny açmak mümkinçiligine seretmegi teklip edýär.

Sebit we halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça iki ýurduň garaýyşlarynyň ýakyndygy ýa-da gabat gelýändigi tassyklanyldy.

“Sebit we ählumumy derejede durnuklylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin biz türkmen tarapy bilen mundan beýläk-de ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyrys. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklaryna, şeýle hem Hazar deňziniň meselesi boýunça hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Gazagystan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde Türkmenistan tarapyndan geçirilýän çärelere ýokary baha berýär” diýip, Gazagystanyň Lideri belledi we Türkmenistanyň Prezidentiniň şu gezekki saparynyň dostlukly gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasyna döwlet sapary bilen gelmäge iberen çakylygy hem-de mähirli garşylandygy üçin Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, geçirilen duşuşyklaryň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýagdaýynyň ara alnyp maslahatlaşylandygyny aýtdy.

Bellenilişi ýaly, duşuşykda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmäge we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary berkitmäge gönükdirilen bilelikdäki çäreleri geçirmek barada ylalaşyldy.

“Biz Gazagystan Respublikasyna döwlet saparymyzyň netijelerine ýokary baha berýäris. Saparyň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň we kabul edilen möhüm resminamalaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da ösdürmäge ýardam etjekdigine berk ynanýaryn” diýip, Türkmenistanyň döwlet Baştutany aýtdy hem-de açyklyk, ynanyşmak, özara düşünişmek ýagdaýynda geçirilen netijeli gepleşikler üçin Gazagystan Respublikasynyň Prezidentine minnetdarlyk bildirdi.

Gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy, sebit we halkara gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän ugurlary boýunça pikir alşyldy.

“Gepleşikleriň dowamynda ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga aýratyn üns berildi. Iki ýurduň ähli jedelleri we gapma-garşylyklary halkara hukugyň ykrar edilen kadalaryna hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna esaslanyp çözmäge berk ygrarlydyklary tassyklanyldy.” diýip, Prezident Serdar Berdimuhamedow aýtdy.

Ikitaraplaýyn gün tertibini ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn üns berildi. Şeýle hem medeni-ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklary has-da çuňlaşdyrmagyň möhümdigi tassyklanyldy.

Türkmen tarapynyň geçirilen gepleşikleriň netijelerine çuňňur kanagatlanma bildirýändigini, onuň dowamynda ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumyna gol çekilendigini belledi.

Sözüniň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe hem-de gazak wekiliýetiniň agzalaryna netijeli işler üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Gazagystanyň halkyna parahatçylyk, abadançylyk, mundan beýläk-de gülläp ösüş arzuw etdi.

# THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN VISITED THE ALEM.AI INTERNATIONAL ARTIFICIAL INTELLIGENCE CENTER IN ASTANA

During his state visit to the Republic of Kazakhstan, the President of Turkmenistan visited the Alem.AI International Artificial Intelligence Center in Astana, which was created to develop technologies, knowledge, and innovation in artificial intelligence. The center is one of the strategic projects aimed at elevating Kazakhstan to the forefront of high technology.

Its main objectives are to support new technological and economic developments, create a comprehensive environment for scientific research, startups, and the implementation of advanced artificial intelligence solutions, train highly qualified specialists, and expand the export of artificial intelligence solutions.

In this regard, it should be noted that the development of information technology and digitalization are strategic priorities for Turkmenistan. Under the wise leadership of President Serdar Berdimuhamedov, large-scale programs are being implemented to modernize the national economy, enhance the effectiveness of public administration, and improve living standards through the widespread implementation of digital solutions.

A striking example of a project implemented with the extensive use of digital, information and communication technologies, and "green" technologies is the Arkadag city, built based on the "smart city" concept at the initiative of the National Leader of the Turkmen People, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, Hero Arkadag, and President Serdar Berdimuhamedov.

Following the conclusion of his state visit, President Serdar Berdimuhamedov departed for Nursultan Nazarbayev International Airport in Astana, from where he departed for his homeland.

Here, the head of Turkmenistan was seen off by Prime Minister of the Republic of Kazakhstan Olzhas Bektenov and other officials.

***

As part of the state visit of the President of Turkmenistan to the Republic of Kazakhstan, members of the Turkmen delegation laid flowers at the monument to Magtymguly Fragi.

During President Serdar Berdimuhamedov's state visit to the Republic of Kazakhstan, Turkmenistan's delegation members held bilateral meetings with their Kazakh counterparts and discussed opportunities for developing cooperation in areas of mutual interest. Following these meetings, bilateral documents were signed.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА НАГРАЖДЕН ВЫСШЕЙ НАГРАДОЙ РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН – ОРДЕНОМ «ALTYN KYRAN»



25 ноября 2025 года, в рамках государственного визита Президента Сердара Бердымухамедова в Республику Казахстан, состоялась церемония награждения Президента Сердара Бердымухамедова высшей наградой Республики Казахстан – орденом «Altyn Kyran» («Золотой Орёл»).

В ходе торжественного мероприятия Президент Касым-Жомарт Токаев подчеркнул особую роль Президента Сердара Бердымухамедова как видного государственного деятеля и мудрого руководителя, последовательно укрепляющегогосударственность, социально-экономический потенциал и международные позиции Туркменистана.

– Вы уверенно продолжаете стратегический, ориентированный в будущее курс Национального Лидера туркменского народа глубокоуважаемого Аркадага Гурбангулы Мяликгулыевича Бердымухамедова, – сказал Президент Казахстана.

Глава дружественной страны отдельно остановился на усилиях Президента Сердара Бердымухамедова по повышению международного авторитета Туркменистана и укреплению его статуса как центра дипломатии, мира и стабильности. Как подчёркивалось, ярким подтверждением тому служит объявление 2025 года Генеральной Ассамблеей ООН по инициативе Туркменистана «Международным годом мира и доверия».

Отметив личный вклад главы государства в укрепление дружбы, взаимопонимания и стратегического партнёрства между братскими странами, Президент Касым-Жомарт Токаев выразил уверенность, что успешная реализация договорённостей, достигнутых по итогам нынешних переговоров, откроет новую страницу в летописи казахстанско-туркменских отношений, и наградил главу государства высшей наградой Республики Казахстан – орденом «Altyn Kyran».

Выразив огромную благодарность Президенту Касым-Жомарту Токаеву и всему народу братского Казахстана за оказанную честь – награждение высшей наградой Республики Казахстан – орденом «Altyn Kyran», Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул, что рассматривает эту награду как знак высокого уважения к народу Туркменистана, свидетельство крепкой дружбы и добрососедства, объединяющих наши народы на протяжении многих веков.

Как отмечалось, наши государства демонстрируют высокий уровень взаимопонимания, солидарность и обоюдную поддержку в решении важных вопросов региональной и глобальной повестки дня.

Оба государства ведут совместную системную работу в целях наращивания потенциала экономического партнёрства по широкому спектру направлений. Также накоплен большой опыт сотрудничества в образовании, науке, культуре и других социальных областях.

Ещё раз выразив искреннюю благодарность за награждение орденом Казахстана «Altyn Kyran», глава государства пожелал Президенту Касым-Жомарту Токаеву крепкого здоровья, больших успехов в государственной и международной деятельности, а братскому народу Казахстана – мира, счастья, благополучия и процветания!

По завершении церемонии награждения Президента Сердара Бердымухамедова под аплодисменты собравшихся главы Туркменистана и Республики Казахстан подписали Совместное заявление.

Затем состоялся обмен двусторонними документами.

# TÜRKMENISTANYŇ WE GAZAGYSTANYŇ PREZIDENTLERINIŇ ARASYNDA ÝOKARY DEREJELI GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI



2025-nji ýylyň 25-nji noýabrynda Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň Gazagystan Respublikasyna döwlet saparynyň ikinji gününde Prezidentler Serdar Berdimuhamedow bilen Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda ýokary derejeli gepleşikler geçirildi.

Ir bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň awtoulag kerweni “Akorda” köşgüne bardy. Bu ýerde döwlet Baştutanyny Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew mähirli garşylady. Soňra Türkmenistanyň Prezidentini resmi garşylamak dabarasy geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gazagystan Respublikasynyň resmi wekiliýetiniň, gazak Lideri bolsa Türkmenistanyň resmi wekiliýetiniň agzalary bilen tanyşdyryldy. Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Kasym-Žomart Tokaýew ýörite niýetlenen münbere geçýärler. Hormat garawulynyň serkerdesi dabaraly hasabat berýär. Iki ýurduň Döwlet senalary ýaňlanýar. Döwlet Baştutanlary nyzama düzülen esgerleriň öňünden geçdiler hem-de Gazagystan Respublikasynyň Döwlet baýdagyny sarpaladylar.

Resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, Prezident Serdar Berdimuhamedow bilen Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.

Gazagystanyň Prezidenti döwlet Baştutanyny mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip Gazagystana gelendigi üçin hoşallygyny beýan etdi we Türkmenistanyň Prezidentiniň şu gezekki döwlet saparynyň däp bolan dostlukly gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gazagystan Respublikasyna döwlet sapary bilen gelmäge çakylyk, şeýle-de türkmen wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan etdi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe iberen salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Gazagystanyň döwlet Baştutany, öz gezeginde, Gahryman Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny beýan edip, gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda türkmen halkynyň Milli Lideriniň ägirt uly goşandyny belledi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda ösdürilýändigini hem-de syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň giň ugurlaryny öz içine alýandygyny nygtady.

Syýasy-diplomatik ulgamda iki ýurt halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler.

Iki döwletiň halkara we sebit guramalarynyň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde netijeli gatnaşyklary dowam etdirýändigi bellenildi.

Soňra gepleşikler iki ýurduň wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda giňeldilen düzümde dowam etdi.

Kasym-Žomart Tokaýew belent mertebeli türkmen myhmanyny ýene-de bir gezek mähirli mübärekläp, gazak we türkmen halklarynyň dostlukly gatnaşyklar, taryhyň, medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygy bilen baglanyşýan doganlyk halklardygyny belledi.

Gazagystanyň Prezidenti bilelikdäki tagallalaryň netijesinde strategik hyzmatdaşlygyň iki doganlyk halkyň bähbidine mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti iki ýurduň arasynda ähli derejede işjeň we netijeli gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny, köptaraplaýyn düzümleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edilýändigini belledi.

Mundan başga-da, ol okgunly ösdürilýän medeni-ynsanperwer gatnaşyklar barada aýdyldy, Gazagystanda we Türkmenistanda iki halkyň ruhy-medeni mirasyna uly goşant goşan görnükli şahsyýetleriň, hususan-da, Astana şäherinde Magtymguly Pyragynyň, Aşgabatda bolsa Kurmangazy Sagyrbaýulynyň we Abaý Kunanbaýewiň ýadygärlikleriniň açylandygyna ünsi çekdi.

Dostlukly ýurduň Lideri Gazagystanyň Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny, sebitde parahatçylygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlaryny goldaýandygyny

*(Dowamy 4-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ WE GAZAGYSTANYŇ PREZIDENTLERINIŇ ARASYNDA ÝOKARY DEREJELI GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

aýdyp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde ýurdumyzyň BMG bilen bilelikde geçirýän çäreleriniň ähmiýetini belläp, dekabr aýynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşjakdygyny tassyklady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gazagystan Respublikasyna döwlet sapary bilen gelmäge çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlyk bildirip, soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylandygyny nygtap, ony mundan beýläk-de ösdürmek üçin bilelikde tagalla etmäge taýýardygyny beýan etdi.

Türkmenistanyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynyň, "Merkezi Aziýa +" formatynyň we beýleki sebit mehanizmleriniň çäklerinde özara hereketleri mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardygy tassyklanyldy. Türkmenistanyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklaryna Azerbaýjanyň doly hukukly agza hökmünde goşulmagyna möhüm ähmiýet berýändigi bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidenti ekologiýa ulgamynda senagat galyndylaryny gaýtadan işlemek, "ýaşyl" gurluşyk, Aral we Hazar deňizleriniň ekoulgamyny goramak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi.

Söwda-ykdysady ulgamdaky hyzmatdaşlyk babatda özara haryt dolanyşygynyň durnukly ösýändigi aýdyldy. Döwlet Baştutany Türkmenistanyň energetika ulgamynda Gazagystan bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardygyny, uglewodorod serişdelerini çykarmagyň netijeliligini we ekologik howpsuzlygy ýokarlandyrmak boýunça tejribe alyşmaga, elektroenergetika, himiýa senagaty, metallurgiýa, maşyngurluşyk, dokma senagaty, nebithimiýa, tebigy gazy gaýtadan işlemek, şäher gurluşygy pudaklarynda hyzmatdaşlyk etmäge açykdygyny tassyklady.

Ulag-logistika ulgamy-da ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarynyň biridir.

Sanly ykdysadyýet, innowasiýalar, oba hojalyk toplumy hem hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Suw serişdelerini netijeli peýdalanmak meselesi ikitaraplaýyn, şeýlede sebit gün tertibinde möhüm orny eýeleýär. Türkmenistanyň Prezidenti medeni-ynsanperwer ulgamyň türkmen-gazak gatnaşyklarynyň möhüm bölegidigini belledi.

Sözüniň ahyrynda Türkmenistanyň döwlet Baştutany türkmen-gazak gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga şahsy goşandy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlygyny beýan edip, Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky däp bolan doganlyk gatnaşyklaryň halklarymyzyň bähbidine özara hormat goýmak, ynanyşmak, özara bähbitli hyzmatdaşlyk ruhunda mundan beýläk-de okgunly ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

# В Эр-Рияде открылся Глобальный промышленный саммит

Делегация во главе с министром промышленности и строительного производства Туркменистана Тойгулы Нуровым принимает участие в работе 21-й Генеральной конференции Организации Объединенных Наций по промышленному развитию (ЮНИДО), которая проходит в г. Эр-Рияде, Королевство Саудовская Аравия, 23-27 ноября 2025.

Делегаты от правительств, частного сектора и гражданского общества обсуждают, как промышленное развитие может помочь справиться с самыми неотложными глобальными вызовами – от изменения климата и нехватки продовольствия до создания цепочек поставок, приносящих равные выгоды странам и работникам во всем мире




сообщает официальный сайт ООН.

«Промышленное развитие имеет ключевое значение для укрепления экономики, борьбы с бедностью, создания рабочих мест и обеспечения процветания», – говорится в обращении Генерального секретаря ООН Антониу Гутерриша к участникам саммита, которое зачитал представитель ООН в Саудовской Аравии Мохамед Эль-Заркани.

К концу недели ожидается, что 21-я Генеральная конференция примет решения, которые определят работу ЮНИДО в последующие два года. Эти решения могут повлиять на то, как промышленный сектор будет содействовать построению более зеленого, справедливого и устойчивого мира.

Делегаты рассмотрят проекты резолюций, заслушают доклады о деятельности ЮНИДО и обсудят новые инициативы. Также конференция начала подготовку к выборам в Совет по промышленному развитию и Комитет по программам и бюджету, которые осуществляют надзор за деятельностью ЮНИДО, говорится в сообщении ООН.

# *A sporting event dedicated to the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality was held in Bucharest*

On November 22, 2025, a friendly mini-football tournament was held among Turkmen students studying at Romanian universities, organized by the Embassy of Turkmenistan in Romania and with the participation of Turkmen youth. The sporting event was timed to coincide with «2025 – the Year of Peace and Trust» and the celebration of the 30th anniversary of Turkmenistan's Permanent Neutrality, giving the competition a special symbolic significance.

The tournament brought together eight student teams representing various Romanian higher education institutions from cities such as Bucharest, Ploiești, Timișoara, Cluj, and others. The games were held in an atmosphere of genuine competition, mutual respect, and friendly unity. The event served as a shining example of the promotion of peace, friendship, and cooperation, as well as the successful implementation of the principles of sports diplomacy, an important part of international cooperation.

Following the tournament's conclusion, teams and participants who demonstrated outstanding results were awarded medals, certificates of honor, and cups. Awards were presented for first, second and third places, the best player, and the best goalkeeper of the competition, marking the ceremonial conclusion of the event and supporting the further development of youth sports initiatives.

This event underscored Turkmenistan's commitment to strengthening international cooperation, developing youth initiatives, and promoting the values of peace and trust in the lead-up to a significant date – the 30th anniversary of the country's Permanent Neutrality.




***В МИД Пакистана были обсуждены пути развития туркмено-пакистанского сотрудничества***

20 ноября 2025 года в МИД Пакистана состоялась встреча посла Туркменистана А.Мовламова с генеральным директором департамента по странам Центральной Азии и ОЭС МИД Пакистана Хасан Али Зайгамом.

В ходе встречи стороны провели всестороннее обсуждение ключевых направлений туркмено-пакистанского взаимодействия, уделив особое внимание вопросам укрепления и расширения двустороннего сотрудничества в сферах, представляющих взаимный интерес. Обсуждение включало перспективы взаимодействия в торгово-экономической, энергетической, транспортно-транзитной и гуманитарной областях, а также обмен мнениями по актуальным региональным процессам.

Посол Туркменистана А.Мовламов также проинформировал пакистанскую сторону о выходе специального выпуска журнала Diplomatic Insight, посвящённого 34-летию независимости и 30-летию постоянного нейтралитета Туркменистана. Он подчеркнул, что данный выпуск отражает динамичное развитие Туркменистана, его миролюбивую внешнюю политику и растущую роль в международных инициативах в сфере мира, устойчивого развития и гуманитарного сотрудничества.

По итогам встречи стороны договорились поддерживать регулярные контакты на различных уровнях для обсуждения перспектив укрепления сотрудничества между двумя дружественными и братскими странами.

***В посольстве Туркменистана в Исламабаде состоялась встреча с послом Австралии***

24 ноября 2025 года, новый посол Австралии в Пакистане Тим Кейн нанес визит вежливости послу Туркменистана в Пакистане А.Мовламову.

Посол Туркменистана поздравил австралийского коллегу с состоявшейся на днях церемонией вручения верительных грамот президенту Пакистана Асифу Али Зардари и пожелал ему плодотворной деятельности в Пакистане.

Стороны обсудили складывающуюся в регионе ситуацию и отметили актуальность укрепления мира и доверия в регионе и за его пределами.

Далее посол А. Мовламов рассказал о миролюбивой политике постоянного нейтралитета Туркменистана, и реализуемых по инициативе руководства страны важных для региона энергетических проектах.

Посол Австралии высоко оценил проводимую Туркменистаном политику, направленную на обеспечение связности регионов и создание устойчивых маршрутов для торговли, транзита и экономического взаимодействия.

Собеседники также обсудили перспективы сотрудничества между Туркменистаном и Австралией, подтвердив готовность развивать его в направлениях, представляющих взаимный интерес.

В завершение стороны выразили согласие поддерживать регулярные контакты, усиливать координацию и развивать взаимодействие в рамках дипломатического сообщества Пакистана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***